# Merwiñ taryhy pars çeşmelerinde

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Merwiñ taryhy pars çeşmelerinde MERWIÑ TARYHY PARS ÇEŞMELERINDE

Merw gadymy çeşmelerde bir şäheriň, bir sebitiň ýa-da welaýatyň adyny aňladyp, şol bir wagtda hem beýik Horasan ülkesiniň çäginde bolan topragynyň dörtden birini aňladypdyr. Murgap ýa-da Merwab diýip atlandyrylýan derýa özüniň suwuny şäherden 25 farsaň (1 farsaň – 6 kilometr töweregi) günortada bol hasylly topraga ýaýradyp başlaýar hem-de derýanyň mes toprakly, bol hasylly ýere ýaýramagy, şäherden birnäçe farsaň demirgazyga, has takygy, Horezmiñ çygryndan Horasan topragyna süsňäp girýän çäge alaňlaryna çenli dowam edýär. Ynha şu bol hasylly giň sähra Merw jülgesi (Merw sebiti) diýip atlandyrylypdyr. Şonuň ýaly hem, ol sebitde ýerleşýän hemme şäherler, galadyr-kentler, ýaşaýyş mekanlary umumylykda Merwe degişli bolupdyrlar. Ol sebit şonuň üçin hem Merw welaýaty diýip hem
atlandyrylypdyr.
Bol hasylly topragy, abadançylykda ýaşaýan ilaty bolan Merw şäheri we Merw welaýaty gadymy Horasan ülkesiniň topragynyň ylla, dörtden bir bölegini özünde jemläpdir hem-de ol sebite takmynan, häzirki Türkmenistanyň gadymy Horasana degişli şäherleriniň aglabasy degişli bolupdyr. Hut şonuň üçin hem, eger Merwiň geçmişi, gadymyýeti barada söhbet açylsa, ol ýerde ady ýatlanýan Merw adynyň diňe bir ýeke şäheri däl-de, gerek ýerinde uly bir sebiti hem aňladýandygyny göz öňünde tutmak gerek. Elbetde, Merw şäheri hem geçmiş taryhyň hemme zamanasynda şol bir ýerde bolmandyr.
Ol ýerde şäher hökmünde ýaşaýyş mekany emele geleninden soňky ilkinji ýüzýyllyklarda Marguş ýa-da Margiana ady bilen meşhur bolup, häzirki Mary şäherinden birnäçe farsaň demirgazykda

ýerleşipdir. Soňra bir zaman ol şäheriň günorta tarapynda ýene-de bir ýaşaýyş mekany emele gelip, ol ýaşaýyş mekany yslam dininiň ol sebite aralaşmagy bilen Gäwürgala diýip atlandyrylyp başlapdyr. Ondan nijeme asyr aýlanandan soň, Seljuk şalygy zamanasynda Gäwürgaladan günbatarda täze Merw şäheri esaslandyrylýar.

Bu täze esaslandyrylan şäher Soltan gala ady bilen şöhratlanýar. Mongollaryň çozuşy netijesinde weýran edilen Merw topragy soňra 200 ýyl töweregi weýrançylykda bolýar hem-de imperator Temiriň döwründe Merw täzeden dikeldilýär. Ol dikeldilen şäher Abdylla han galasy diýen ada eýe bolýar.

Ondan birnäçe asyr geçensoň, Abdylla han galasyndan günbatarda Baýramaly gala ady bilen täze Merw şäheri esaslandyrylýar. Şondan soň, Baýramaly galasyna golaý, täze gurlan hemme galalar Baýramaly şäherine birikýärler. Ol sebit gadymy Merwiň ýerli ilatynyň ýaşaýan mekanyna öwrülýär. Iň soňunda mundan 100 ýyldan köpräk wagt ozal, ol ýaşaýyş mekanyndan birnäçe farsaň günbatarda täze şäher esaslandyrylyp, ol şäher Täze Merw diýip at alýar. Häzir Mary diýip atlandyrylýan ol şäher Türkmenistanyň uly şäherleriniň merkezidir.

Geçmişde, bu ýer, ýagny Merw – uly sebitiň, uly jülgäniň hem-de welaýatdyr birnäçe şäherleriň umumy ady bolandygyny nygtamak bilen, şonuň ýaly-da ol şäheriň öz zamanasynda Uly Merw we Sofla Merw (pars dilinde “sofla” sözi – “aşaky”, “aşakda ýerleşen”, “pesde ýerleşen” diýen ýaly manylary berýär – bellik terjimeçininiňki) diýip hem Sufla Merwi – Kiçi Merw, Merwrud hem atlandyrypdyrlar. Ondan başga-da gadymy çeşmeler ony: Merwşaýgan, Maru-
şahjan, Maru-şahijan, Merw-şahjan, Merw-şahe-jahan, Merwşaýjan, Merw-e Sanjar diýip hem atlandyrypdyrlar.

Merw häzirki wagt hem Türkmenistanyň möhüm şäherleriniň biridir. Käbir gadymy çeşmeler Merwiesaslandyran gadymy Ajam patyşasy Tahmuras diýip hasaplasalar, başga birleri gadymy Turanyň şasy Afrasiýab Turanly, ýene-de başgalary Aleksandr Makedonskiý diýip ykrar edýärler.

Emma elde bar bolan ygtybarly maglumatlara görä, ol sebitdäki gadymy medeniýete hem-de ýaşaýşa degişli bolan Marguş – Merw

sebitinde iň gadymy ýaşaýyş mekany bolup, ol Aleksandr Makedonskiniň ýaşan asyryndan nijeme ozal, has takygy miladydan öňki iki müňýyllykda esaslandyrylypdyr. Hut şol ýerde örän gadymy zamana degişli medeniýetleriň mekany tapylyp, ol medeniýetli ýaşaýyş mekany uly deryanyň kenarynda, bol hasyl berýän toprakda ýerleşipdir. Merw derýasy (häzirki Murgap derýasy – bellik terjimeçininiňki) Horasan ülkesinde (Jeýhun derýasyndan soňra) möhüm derýalaryň biridir.

Galyberse-de adamzadyň ilkidurmuş jemgyýetinden başlap, adamlaryň Merw jülgesini mekan tutunyp başlandyklaryna şek bolup bilmez. Eýranly taryhçylaryň aglabasy, ylmy adalgada “Kohändež” (gadymy gala) ýa-da Erk, Merwiň merkezi galasy diýip atlandyrylýan galany Tahmuras, ol galanyň töweregindäki binalary bolsa Aleksandr Makedonskiý esaslandyran hasaplaýarlar. Taryhçy Gärdizi Merwi hem-de ol ýerdäki kohändeži Tahmuras esaslandyran diýip habar berse, Estähri–Merw-şahjan diýip atlandyrylan gadymy şäheri aýtmaklaryna görä, ol ýerdäki kohändeži Tahmuras, onuň töweregindäki (şarstany) binalary Aleksandr Makedonskiý, hiç bir dag bolmadyk ýerde esaslandyrypdyrlar – diýip habar berýär. Ýakut hem Merwdäki kohändeži Tahmurasyň Merwiň diwarynyň daşyndaky binalary bolsa Ardeşir bin Esfendýaryň gyzy Hemaý bina etdiripdir diýýär.

Merw şäheriniň Ahemeni şalygy zamanasynda-da bolandygy hem-de olaryň täsirinde (golastynda) bolandygy gürrüňsiz. Çünki, Ahemeni şalarynyň myhy elipbiýinde dag gaýalaryna ýazdyran ýazgylarynda ol sebit Marguş diýip atlandyrylypdyr. Firdöwsi özüniň “Şanama” eserinde Merwiň adyny ol şadessanyň “Kabus bilen Hamaweran şasynyň söweşi” atly şahasynda Keý Kowusyň amala aşyran çäresi barada şeýle ýatlaýar:

Terjimesi:
*Her künje ugratdy bir pälwany,*
*Merwe, Nişapura, Balh, Hyrat-Heri.*
*Atlyny, hüşgäri, gaýratly äri,*
*Çar tarapa gönderdi ol, sansyz leşgeri).*

Ýöne, Merw baradaky aglaba ýazgylar ýatlamalar Sasani nesliniň şalyk süren zamanasyna, aýratyn hem Bahram Guryň zamanasy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda takmynan müň gektar töweregi meýdany tutýan hem-de gadymy Merw şäheriniň harabaçylygy diýip atlandyrlýan
ýerde iň gadymy bölek galanyň ýerleşýän ýeri bolup, onuň tutýan meýdany 370 gektardan ybarat. Hut şol ýer hem Sasani şalygy döwründe ýatlanýan Merw şäheridir (Gäwürgala). Meşhur tebip Bärzawih ýada Bozorgmähr (Anşirwan patyşanyň weziri) hem-de Barbad (ol asyryň meşhur sazandasy) ýerligi boýunça Merwdendirler.
Sasanileriň zamanasynda olardan öňki şalyk bolan Parfiýa şalygynyň çägine degişli bolan ülkäni Horasan diýip atlandyryp başlapdyrlar. Ol ülkäniň hökümdarlygyny dört bölege bölüp, ol Eýranyň harby dikmesine degişli edilýär. Dört bölege bölünen Horasan ülkesiniň her bölegine aýratyn ygtyýarly häkim ýolbaşçylyk edipdir. (Ol häkimlere şol wagtlar "märzban" diýip at beripdirler – bellik terjimeçiniňki). Ol dört bölek şulardan ybarat: Merwşaýgan, Balh, Toharystan, Hyrat (Puşang). Mawerannahr hem Horasan ülkesine degişli bolan.
Merwiň iň soňky märzbani Mahan ýa-da Mähäwi Suri diýen şahsyýet bolupdyr. Araplaryň Eýrana çozup girmekleri hem-de Ýezdigerdiň goşunynyň Gedäsiýe diýen ýerde olardan ýeňilmegi netijesinde, Ýezdigerd märzbän Mohandan pena isläp Merwe gelýär. Ýöne ol Merwiň töwereginde ýerleşen suw degirmeninde öldürilýär. Gärdiziniň ýazmagyna görä, Merwe gelen ilkinji arap serkerdesiniň ady Emir bin Ehmär ul-Işkär bolup, ol Merwe dört çaryýarlardan Osmanyň halypalyk süren zamany, hijriniň 31-nji, miladynyň 651-nji ýylynda gelýär hem-de Merwiň kohändež (Köne gala) diýen ýerinde namaz okapdyr… Ýerli halkyň öz ýaşaýan jaýlaryny alyp leşgerindäki arap esgerlere ýaşamaga bermegi talap edip höküm edipdir. Şeýdip ol özüniň bu permany bilen Merwiň ýerli halkynyň oňa garşy gazaba münmegine sebäp bolýar. Netijede, ýerli halk araplaryň garşysyna pitnä başlamakçy bolýar. Şol wagtlar Merw şäheriniň häkimi bolan Berez-Mohan perzendi arap goşunynyň serkerdesini halkyň gozgalaňa taýýarlyk görýändigi barada habardar edýär.

Netijede, arap serkerdesi şol gozgalaňa taýýarlyk görenleri köpçülikleýin heläkleýär. Arap serkerdesi Merw şäheriniň häkimi Berez-Mohan perzendine bu eden hyzmaty üçin degişli derejede sylag-serpaý berýär. Ondan soňra, Horasana biraz öň gelip giren Abdylla bin Amer Keriz bu welaýatyň dikmesi bolýar. Şondan soň, Merw şäherinde-de, welaýatda hem hakyky parahat durmuş höküm sürüp başlaýar. Hatem bin Na'man Baheli-halyf Osmanyň tarapyndan Merwe iberilen dikme bolup, Abdylla bin Amer Kerizden üstün çykýar. Hijriniň 31-nji ýylynda bolan ol ýeňişe Ehnäf bin Kis hem gatnaşypdyr diýip aýdyp bolar. Merwiň halky Ajamyň asylzadalaryndan bolansoňlar, araplaryň ezud we tämil hem-de beýleki kowum-taýpalarynyň wekilleri hem ol ýerde mesgen tutmagy makul bilýärler. Şeýlelikde, Abdylla bin Amer Keriz Horasandan çykyp gidýär, dört çaryýarlardan halyf Osman hem dünýäden gaýdýar. Soňra, dört çaryýarlardan iň soňkusy, hezreti Aly bin Abu Taleb (aleýhissalam) halyf kürsüsine çykýar. Ol öz daýysynyň ogly J'ede bin Hebireni Horasana iberýär hem-de ondan Berez-Mohan perzendine nama gönderip, hyrajy oňa bermegä görkezme berýär. Ýakubynyň ýazmagyna görä, hezreti Aly bin Abu Taleb (aleýhissalam) Basrada bolan wagty, Merwiň dikmesi Mahan onuň huzuryna barýar. Şondan soň hezreti Aly onuň bilen parahatçylykly gatnaşyk barada ylalaşyga gelýärler. Hezreti Aly oňa ylalaşyk hatyny berýär. Ol hat tä Ýakuby Merwde bolan wagty hem ol ýerde bar ekeni.
Şeýlelikde, Merw Osmanyň hem-de hezreti Alynyň (aleýhissalamyň) halyflyk süren zamanalary parahatçylykly ylalaşyk esasynda araplaryň eline geçýär. Merwiň ol häkimi hem-de onuň perzentleri bu şäherde we welaýatda arap dikmesiniň wezipesinde galýarlar. Netijede, Merw araplaryň ýörişinden uly bir zyýan görmän galýar. Has dogrusy, Merw arap serdarlarynyň Horasanyň beýleki köp şäherleini basyp almaklary üçin möhüm baza öwrülýär. Şonuň üçin hem Horasan ülkesine araplar tarapyndan Horasan ülkesine bellenen arap dikmeleri Merwde ýaşap, ülkäni dolandyryp başlaýarlar.
Araplar tarapyndan Horasan ülkesiniň hökümdary-emiri diýip bellenen ilkinji arap Hekem bin A'mru ul-Gaffari- hezreti

Muhammet (s.a.w.) pygamberiň sahabalaryndan bolup, onuň mübärek gubury gadymy Merw şäheriniň çäginde ýerleşýär. Ol musulmanlaryň içinde Horasanda dünýäden gaýdan ilkinji hökümdar-emirdir.
Harun er-Reşidiň halyf zamanasynda (hijri-kamarynyň 190-njy, miladynyň 805-nji ýyly) ol Horasan ülkesine hökümdarlyk etmegi öz ogly Mamune berýär. Mamun şeýdip Merwe gelip, ol ýerde ýaşap, ülkäni dolandyryp başlaýar. Harun er-Reşit hijriniň 193-nji (miladynyň 808-nji) ýylynda Tus şäherinde aradan çykýar hemde ol ýerde jaýlanýar. Şol pursatdan başlap, onuň perzentleriniň arasynda agzalalyk, duşmançylyk başlaýar. Netijede, Merw şäheri bilen Bagdat şäheri ol ýyllaryň möhüm syýasy merkezlerine öwrülýärler.
Halyf Harun er-Reşidiň ogullarynyň arasyndaky duşmançylykly agzalalyk hijriniň 198-nji (miladynyň 813-nji) ýylynda Mamunyň ýeňmegi bilen tamamlanýar hem-de ol halyfatyň kürsüsini eýeleýär. Ondan soňky bolup geçen möhüm waka: halyf Mamunyň hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberiň gyzy Bibi Patmadan bolan agtyklaryndan bolan nesilleri, on iki ymamlardan sekizinji ymam hezreti ymam Ryza aleýhissalamy Merwe özüniň halyf kürsüsiniň miras geçmegi bilen bagly boljak dabara çagyrmagydyr. Ol dabara hijriniň 200-nji (miladynyň 815-nji) ýylynda bolup geçýär. Mamun hijriniň 202-nji (miladynyň 217-nji) ýylynda öz syýasy meselelerini ýerinde çözmek (bahanasy bilen – bellik terjimeçininiňki) üçin Merw şäherini hemişelik terk edip, Bagdada tarap ýola düşýär. Hut şol wagtdan başlap hem Merw özüniň syýasy ähmiýetini ýitirip başlaýar. Bu mesele babatda aýdypdyrlar ki, Merwiň halkynyň hut özi halyf Mamunyň ol şäheri terk edip gitmegini isläpdirler. Çünki, merwliler Abbasy halyflarynyň we hökümdarlaryň Merwde bolmaklary – mesgen tutmaklary, halkyň eýeçiligindäki ekerançylyga ýaramly mülküň hem-de suwuň kemelmegine getirýär diýip hasaplapdyrlar. Mägdi bu babatda şeýle ýazýar: “Men merwlilerden eşitdim ki olar şeýle diýdiler: “Mamunuň biziň şäherimizi terk edip gitmegine bir zenan sebäp boldy!” Men olardan: “Ol zenan ony nädip çykardy?!” diýip soradym. Olar şeýle jogap berdiler: “Çünki, ol zenan şäheriň abadançylygyna, abatçylygyna ýerli

halkdan özge bigäneleriň el urmazlygyny isläp, halyf Mamunyň huzuryna barýar hem-de: “Sen Merwi weýran etdiň!” Şondan soň Mamun goşunynym paty-putylaryny şäherden alyp çykýar (hem-de Bagdada tarap ugraýar – bellik terjimeçininiňki). Her näme bolan hem bolsa, Mamun, Mawerannahry – Samany nesline, Horasan ülkesine hem hökümdarlygy Tahyr Zuliminine berýär. Abdylla bin Tahyr öz maşgalasyna berlen bu hökümetiň paýtagtyny Merw şäherinden Nişapura göçürýär. Çünki, öz paýtagtynyň Horasan ülkesiniň çäginiň merkezinde bolmagyny isläpdir. Şol zamanlar Horasan ülkesiniň çägi Jeýhun deryasyndan Reý şäherine çenli bolupdyr. Şonuň üçin hem Merw şäheri hijriniň III asyrynyň başynda (miladynyň IX asyrynda) özüniň syýasy ähmiýetini Nişapuryň haýryna elden gidirýär. Bu bolup geçen wakalara garamazdan, Merw misli ummanyň içindäki diýseň abadanlaşdyrylan ada ýaly Horasanyň ýowuz çägelik çölleri bilen gurap ýatan sähralyklarynyň arasyndan geçýän şaýolunyň üstünde oturan örän abat şäher bolansoň, Tahyrylaryň hökümeti (hijriniň III miladynyň IX asyry) zamanasynda-da, Samanylaryň hökümeti döwründe hem (hijriniň IV miladynyň X asyry) sebitiň möhüm ähmiýetli şäheri bolmagynda galypdyr. Hut şonuň üçin hem, hijriniň III we IV asyrlarynyň geografiýaçylary Merwe barýan we Merwden çykýan ýollary, ol ýollardaky menzil-düşelgeleri, ýollardaky şäherleriň arasyndaky uzaklyklary öwrenip başlapdyrlar. Şol ýazgylara görä, Sarahsdan Merwe gelmek üçin: Oştermegak, Tulasatan, Dendanakan, Gerugärd menzil-düşelgeleriniň üstünden geçmeli ekeni. Merwden Amula we Buhara gidýän ýolda Keşmihan diýen menzil-düşelgäniň üstünden geçmek zerurlygy bolupdyr. Ýene-de Merwden Merweruda we Balha gitmek üçin ýol: Faz, Mätiabat, Bahrabat (Ýahýaabat), Gerinin diýen menzil-düşelgeleriň üstünden geçipdir.

Merw sebiti we şäheri baradaky iň gowy maglumatlary hijriniň IV (miladynyň X) asyrynyň geografiýaçylary beripdirler. Olaryň beýan etmeklerine görä, Merwden 12 farsaň (her farsaň 6 kilometr töweregi – bellik terjimeçininiňki) ilerde (günortada) Merw derýasynyň ugrunda uly bent bolan. Ol bendiň kömegi bilen derýanyň hemme suwy günbatar-demirgazyga (Mahan diýen ýaşaýyş mesgenine) tarap akdyrylansoň, Merw şäheriniň üstüne tarap suw

howpy abanmaz ýaly edilipdir. Şäherden 6 farsaň uzaklykda (Zirek obasynda) bolsa, Bahab diýen ýer bolup, hut şol ýerde suw Merwiň etegindäki şäherçelere, obalara, gala-kentlere hem-de Merw şäheri üçin bölünýän ekeni. Şäherden 1 farsaňlyk uzaklykda bolsa, suwy Merw şäheriniň içinde ýerleşýän etrapçalar üçin bölýän gatla bolupdyr. Dört ene ýabyň birigýän ýerleriniň Asadi Horasani, Zirek, Majan, Hormezfure ýaly atlary bolup, olar Merwiň daş-töweregindäki ýaşaýyş mekanlaryny hem-de şäheriň özüni suw bilen üpjün edipdirler. Ol ene ýaplaryň içinde Zirek ýaby (kanaly) bolup, ol esasan Merw şäheriniň ilatyny suw bilen üpjün edipdir. Ol wagtlara çenli, Sasani şalaryň zamanasynda esaslandyrylan şäherden ýer ýüzünde weýran bolan harabalyklaryň demirgazygynda Erk gala ýa-da Kohändez saklanyp galypdyr.
Ol köne şäherden ýaşaýyş mesgenleri daşyna çykyp, şol töwereklere ýaýrapdyr. Ýatlanan şäheriň gündogarynda bir ýaşaýyş mekany ýerleşip, ol ýeriň ady Merwiň gadymy hökümdary (yslama çenli hökümdary – bellik terjimeçiniňki) Mahanyň adyndan emele gelipdir. Şonuň üçin hem ol ýer beni Mahan ("Mahanyň nesil-neberesi" – bellik terjimeçiniňki) ýada (Emir Mahan ady bilen meşhur bolupdyr. Ol obany suw bilen (şäherçäni) Asadi Horasani ene ýaby (kanaly) üpjün edipdir. Zerik ene ýaby şäheriň içindäki ilaty suw bilen üpjün edipdir. Ol ene ýap şäheriň günbatar diwarynyň öňünden geçip gidýän ekeni. Şäheriň günbatar etrapçasy Majan diýip atlandyrylypdyr. Ol ýeri Majan ene ýaby suw bilen üpjün eden. Abu Muslim hem hut şu ene ýabyň kenarynda dürli
binalary gurdurypdyr. Bu ýerde meşhur bolan ene ýap Hormuzfure hem Mahan etrapçasynyň günbataryndan akyp geçip, şäherden 5 farsaň demirgazykda ýerleşen Hormuzfure we Başan atly şäherçeleri suw bilen üpjün edipdir. Diwarlaryň radiusy takmynan 4 kilometr bolup, hemme şäherçeler (şäherler) hem-de etrapçalardyr, obalar, gala-kentler ol diwarlaryň daş-töwereginde ýerleşipdirler. Häzirki wagtda hem ol zamanky binalaryň galyndylary göze kaklyşýar. Ol ýerler häzirki wagtda "Giliýekin" "Çil burç" ady bilen meşhur. Sasanileriň guran Merw şäheri dört derwezeli bolup, ol derwezeleriň atlary:

Däremşäkan, Senjan, Şähristan (ýa-da Bab-ul-medine) we Balyn ýa-da Daribär diýen atlardan ybarat bolupdyr. Olardan iki derweze şäheriň gündogar tarapynda, beýleki ikisi hem günbatar zolagynda ýerleşipdirler. Merw jülgesinde birnäçe möhüm şäherlerdir şäherçeler ýerleşip, olar şulardan ybarat: Merw şäheriniň demirgazygynda: Kuşmihan, Hormuzfure we Başan; şäheriň günorta tarapynda: Zirek, Kemin, Tireň: şäheriň günbatarynda we (günbatar) günortasynda: Mahan, Sowsankän, Harak, Şeneg (Ebbadi we Ekber) ýa-da
Sahj şäherleridir şäherçeleri ýerleşipdir. Ol şäherleriň käbiriniň daşky diwary hökmünde, gadymy şäherleriň diwarlary hyzmat edipdir. Olaryň içinde IV asyra degişli Reý ýa-da Ilreý galanyň diwary hem bolup, ol diwar Çil burç galasynyň diwarlaryndan birnäçe mertebe beýik, uzynlygy hem 12 kilometrden ybarat ekeni.
Hijriniň IV (miladynyň X) asyrynda ýaşan geografiýaçylar Merwiň geografiki, ykdysady hem-de jemgyýetçilik gurluşy, medeniýeti barada girişleýin maglumaty bize miras goýupdyrlar. “Hudud ul-älem” atly şol zamana degişli eseriň awtory Merw şäherini “naz-nygmatyň hem-de şady-horramlygyň mekany” diýip atlandyryp, soňra bu şäherde Tahmurasyň bina etdiren kohändežiniň (galasynyň) bardygyny, ol galada köşkleriň hem köpdügi barada nygtap, soňra: “Ol mekan “Hosrawanlaryň (patyşalaryň) mekany
bolupdyr” diýip belläýpdir. “Horasan topragynda bu şähere taý geljek şäher ýok… onuň bazary akly haýran edýär. Ol ýerde suwuň her damjasy altyn dänesi ýaly. Merwde öndürilýän pamyk, sirke hem-de ýüpek parçalardyr, lybaslar, “molhäm” diýip atlandyrylýan arzyly ýüpek parçasy ýaly önümlerden bazarynda basara ýer ýok”- diýip, ol taryhçy wasp edipdir. Estähri bolsa, “Merwiň topragy şorlaşan, çägesöw” toprak diýip habar berýär hem-de soňra şeýle diýýär: “Merwde üç sany juma metjidi bolup, olaryň birinjisi, yslamyň ol ýere ilki ornaşan zamanasynda şarstanda (şäheriň merkezinde) bina edilipdir. Ondan köp zaman geçmänkä, başga bir metjit bina edilip, ol köne juma metjidi bolup, şähere girilýän ýerde ýerleşen. Hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberden ýeten hadys-şerifi

aýtmagyň, düşündirmegiň ussa- ulamalary hut şol metjide gatnap, ol ýerde namaz okapdyrlar. Ol metjidi beni Mahan (“Mahan nesilleriniň”) metjidi diýip hem atlandyrypdyrlar. Ondan soňra Mahanyň juma metjidi diýip atlandyrylan metjit bina edilen. Ol metjidi, bazary, kerwensaraýyň (köşgüň) ymaratyny Abu Muslim bina
etdiripdir. Häli häzirler hem Abu Muslimiň gurduran gümmezli, dört gapyly we dört eýwanly ol metjit öz ýerinde saklanyp galypdyr. Gadym wagtlar ol ýerdäki bazarlar köne juma metjidiniň töwereginde ýerleşen hem bolsa, soňra Abu Muslimiň zamanasynda ol bazarlar şäheriň Mahan etrapçasyna geçirilýärler.
Baýram namazy şäheriň ortasyndaky merkezi meýdanda okalypdyr. Galyberse-de, Hormuzfure, Mahan ýaly ene ýaplarynyň (kanallarynyň) kenarlarynda namaz okalýan ýörite binalar bar.
Merwde ýetişýän miweler özge şäherlerde ýetişýän miwelerden has datly. “Ol ýerde ýetişen gawuny dilimläp, Güne kakadyp, lezzetli kak taýýarlaýarlar hem-de ony dünýäniň dürli künjegine äkidýärler…
Merwde bişirilýän çöregiň lezzetini taryplamaga dil ejiz gelýär. Ol ýerde gurulan binalaryň, bazarlaryň tertibi örän ýokary hem-de adamlary hem päkize. Bazarlary diýseň arassaçylyk. Şonuň ýaly-da, dürli hünärmenler, senetçileriň öndürýän önümleri üçin, aýry-aýry bazarlary bolan diýip habar berýär hem-de şeýle dowam etdirýär:
“Merwiň ajaýyp köşk-saraýlary, akar suwlary, bagy-bossanlygy hem-de lälezarlygy şeýle bir gözellik welin, özge şäherlerde beýle gözelliklere asla gözleriň düşmez! Söwda kerwenleri jahanyň ähli künjeginden gelip, Merwiň jülgesinden geçip gidýärler. Ol kerwenler ymgyr möçberdäki ýüpegi hem-de piläni başga ýerden alman, diňe Merwden alýarlar. Eşdişime görä, şol zamanlar tüýs, hakyky ýüpek Merwden Täberistana äkidilýär ekeni. Häzirki güne çenli hem ýüpek gurçugynyň tohumyny Merwden Täberistana alyp gidýärler. Merw pamygy hem-de ajap kendiri hem özge ülkelere äkidilýär”.
Mägdisi Merw barada gymmatly we giňişleýin maglumaty şeýle beýan edýär hem-de ol Merw adynyň hem şähere hem-de welaýat

derejesinde ulanylýandygyny habar berip şeýle ýazýar: “Merw gadymy welaýat bolup, ony Aleksandr Makedonskiý esaslandyrypdyr”. Ol bu ýazgylaryny dowam etdirip şeýle ýazýar, ki, haçanda Tahmuras Merwiň kohändežini (Köne galasyny) esaslandyrmak islände, ol ilkinji nobatda, hemme işçiler öz zerurlyklaryny kanagatlandyrar ýaly bazar gurdurýar. Ol ýerde işleýän işçilere, ussalara zähmet hakyny her gün agşam töläpdir. Ol gündelik töleg olara özleri üçin zerur harytlary bazardan almaga mümkinçilik beripdir. Günüň ahyryna çenli her bir işçiniň, ussanyň gazanýan haky müň dirheme ýetipdir”. Mägdisi ýene-de Merw welaýaty däl-de, şäheri babatda şeýle ýazypdyr: “Maru-şahjan” gözel, göze ýakymly, synlanyňda özüne maýyl ediji, özboluşly, täsin äheňde binalary bolan, lezzetli hem-de päkize tagamlary bilen akly haýran edýän şäherdir.
Şäherde iki sany juma metjidi bolup, olaryň gurluşygynda hiç bir ýerde binanyň üstüni ýapmak üçin adaty binalarda ulanylýan, keseligine goýulýan nawlar-pürsler ulanylmandyr. Ynha şol metjitlerde donlarynyň syýnda namaz okaýmaly päkize ulamalar, musulmanlar jemlenýärler. Ol metjitlerde wagyz edýän, fykh (şerigat) edeplerini düşündirýän alymlar Ebu Hanifäniň ýoluny dowam etdiriji, sünni mezhebiniň wekilleridi. Medresede okaýan talyplar aýlyk talyp hak bilen üpjün edilýär. Ol şäheriň bazarlary hem diýseň owadan. Bu ýerdäki döwlet emeldarlarynyň öýleriniň diwarlary (kitap) tekjelerinden doly, eýwanly binalar. Merw hammamlary, Merw nany hem-de etli ýarmasy, akylly-düşünjeli adamlary bilen hem meşhurdyr. Bu şäher diýseň gurply şäher, adamlary bolsa çalasyn, ezber hereket etmegiň ussatlarydyr. Tomsuna howa yssy hem-de gurak bolýar, halky dile çeper, degişmegi, haýyr-sogap iş etmegi başarýan halk. Şäherde hemme ýabany kepderler (gögerçinler) höwürtgeläp, olar şähere bezeg berýärler. Merwde bişirilýän possuk ýaly ýumşak çöregiň ysy ynsany melul edýär. Ýene-de bir bellemeli zat, şäher sähralykda, daglyk sebitlerden örän uzakda ýerleşýär. Köne şäher depeleriň üstünde esaslandyrylypdyr. Ol ýerde bolan binalaryň arasynda metjidiň ymaraty hem bolup, ol geçmişde juma metjidi ekeni. Metjidiň

daş-töweregini birnäçe öýler gurşap alypdyr. Şäheriň Räbäz derwezesiniň ýanynda dürli binalardyr bazarça ýerleşen. Şäherden çykan ýeriňde hem iki sany metjit bolup, olaryň biri derwezä golaý ýerde, beýlekisi bolsa Särräfen diýen ýerde ýerleşip, ol ýerde ýaşaýanlaryň aglabasy hanafy mezhebinden…”
Mägdisiniň Merwiň ýagdaýy barada beýan edýän döwürleri ol ýerde ýaş ýigit (geljekki keramatly pir – bellik terjimeçiniňki) Abu Seýit Abulhaýyr (Mäne baba) (hijriniň 357-440-njy, miladynyň 967-1048-nji ýyllary arasynda ýaşan) hem okaýan ekeni. Onuň Merwdäki şeýhi sünni mezhebiniň şaf’i şahasynyň meşhur ulamalarynyň biri ymam Abubekr Gaffal Merwezi bolan.
Şeýh Abu Seýit Abulhaýryň ömürbeýany baradaky maglumatlarda, onuň zamanasynda Merwdäki Zerek ene ýabyna Rezik diýip at berýän ekenler. Onuň kenarynda bolsa Derwişan atly hangah ýerleşipdir. Şeýle hem ol şeýhiň Merwde bolan zamanasy, ol ýerde rabat (düşelge) bolup, ol rabat zamanasynyň beýik şeýhi Abdylla Mübäregiň adyny göteripdir.
Hijriniň 389-njy (miladynyň 997-nji) ýyllarynda Merw şäheri bilen Merwrudyň aralygynda Mahmyt Gaznaly bilen Samany şalygynyň ýaş emiriniň arasynda uruş bolýar. Mahmut Gaznaly ýeňiş gazanýar hem-de ondan soň Merw onuň eýeçiligine geçýär. Merw tä hijriniň 431-nji (miladynyň 1039-njy) ýylyna çenli Gaznaly şalygyna degişi bolup, şol ýyl soltan Mahmyt Gaznalynyň ogly Ma’sud Gaznalynyň Seljuk beglerinden Daňdanakan söweşinde ýeňilmegi bilen, Merw Seljuk begleriniň eýeçiligine geçýär. Daňdanakan söweşinde ýeňlip, Gazna tarap gaçyp barýan Ma’sud ýolda “Merwi aldygam, elden hem berdik!” diýipdir. Çünki, bary-ýogy 40 ýylyň içinde Merw şäheri elden-ele üç hökümete Samany, Gaznaly hem-de Seljuk döwletine degişli bolýar. Merw hem Haweran düzünde ýerleşen beýleki şäherler bilen bir hatarda seljuklaryň ol sebite gelen wagtlary hijriniň 426-njy (miladynyň 1034-nji) ýylyndan başlap, tä olar Gaznaly soltanyny hijriniň 431-nji (miladynyň 1039-njy) ýylynda ýeňýänçäler, köp zyýan çeken şäherdir.
Seljuklaryň bu ýeňişinden soňra, Merw şäheri olaryň iki paýtagtynyň biri bolýar. Şol ýeňişden soň, Togrul beg Reý we

Yspyhan sebitlerine gidýär, Çagry beg – Dawud bolsa Merwde galýar. Ol pursatdan Merwiň ýene-de bir gülläp ösüş zamanasy başlaýar hem-de Merw üçin ol ajap eýýäm Seljuklaryň iň soňky soltany, Soltan Sanjar hijriniň 552-nji (miladynyň 1157-nji) ýylynda ölüp hem-de Seljuk şalygy Eýranda synýança dowam edýär.
Çagry beg hijriniň 452-nji (miladynyň 1060-njy) ýylynda Togrul beg bolsa hijriniň 455-nji (miladynyñ 1063-nji) ýylynda dünýäden gaýdýarlar. Soltan Togrul begiň yzynda zürýady galmaýar. Bu iki doganyň esaslandyran hem-de Horezm welaýatyny, Mawerannahrdan tä Sistana (Sakystana) hem-de Reýden Yraga, Bagdada çenli ümmülmez giň meýdany öz içine alýan şalygyny dolandyrmak Çagry begiň ogluna, ýagny Alp Arslanyň paýyna düşýär. Ol öz paýtagty hökmünde Merwi saýlap alyp, öz weziri, dana Hoja Nyzam ul-Mülk bilen ol ýerden 10 ýyllap şalygy dolandyrýar. Soltan Alp Arslan soňra hijriniň 465-nji (miladynyň 1072-nji) ýylynda Jeýhun derýasynyň kenarynda ýerleşen Berzem galasynda öldürilýär. Onuň jesedi Merwe getirilýär. Ol soňra agtygy Soltan Sanjaryň özi üçin gurduran mawzoleýiniň töwereginde jaýlanypdyr. Ony hatyralap Senaýi (parsça) şeýle şygyr setirlerini ýazypdyr (sözme-söz terjimesi – bellik terjimeçiniňki):

*Alp Arslanyň şalygyny hem başyny, syndyrdy çarhy pelek,*
*Soltanyň jesedi siňen topragy görmäge, Merwe gelmek gerek.*

Alp Arslanyň mirasdüşer ogly, Mälik şa öz eýeçilik edýän şalygynyň çägini giňeltmek niýeti bilen öz hökümetiniň merkezini Merwden Yspyhana geçirýär. Ýöne, kakasy Alp Arslan Merwde jaýlanansoň, ol şäheri hem ünsden düşürmeýär. Sasanilerden miras galyp ol günlere ýeten Merw şäheri bolsa wagtyň geçmegi bilen harabaçylyga öwrülip, weýran bolýar. Ilat ol köne şäheri terk edýär. Onuň günbatar böleginiň esasyny tutýan Majan etrapçasynda ýaşaýyş bolup, ol ýerde şäher öz öňki görnüşini saklap galýar. Soltan Sanjaryň mawzoleýi ol şäheriň ortasynda ýerleşip, ol etrapça häzirki wagtda Soltangala ady bilen meşhur. Ol dörtburçlyk şekilinde, tutýan

meýdany bolsa, 400 gektar töweregidir. Bu şäheriň hem dört derwezesi bolup, olar: Ser Majan (günorta derweze), Mäsb Majan ýa-da Keşmihän (demirgazyk derweze), Şäher (günorta-günbatar derweze bolup, Gäwür galanyň Şarstan derwezesi tarapda) hem-de Firuzi (günbatar derweze) atly derwezelerdir. Mongollaryň Merwe çozan zamanasy hem ol şäherde gala diwarlarynda ýokarda ýatlanan derwezeler bar ekeni. Ol zamanalardan soň hem Şahruh hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberimiziň – baýdak göterijileri – Hekim we Büreýde üçin şäheriň günortasynda mawzoleý bina etdirýär. Şonuň üçin günorta derwezede Alämdar derwezesi diýen at bilen meşhurlyk gazanýar. Rus gündogarşynasy Bartoldyň beýan etmegine görä, ol şäher giň bir meýdany eýeläpdir, Majan ene ýaby (kanaly) bolsa ol ýeri agyz suwy bilen üpjün edipdir. Onuň çägi takmynan Gäwürgala çenli uzapdyr. Şol zamanlar Majan kanaly şäheri günortadan demirgazyga iki bölüp geçipdir.
Hijriniň 485-nji (miladynyň 1092-nji) ýylynda Mälik şanyň ölmegi bilen onuň ogullarynyň arasynda tagty eýelemek babatda özara duşmançylyk emele gelýär. Mälik şanyň ogly Sanjar erkek dogany Berkýaryk tarapyndan Horasanyň hökümdary bellenip, Merwe ugradylýar. Şol zamanlar, ýagny hijriniň 498-nji (miladynyň 1104-nji) ýylynda Berkýaryk wepat bolýar hem-de şa tagtyna, Berkýarygyň ýerine Mälik şanyň beýleki bir ogly Muhammet bin Mälik şa çykýar. Ol hem Horasan ülkesinde Sanjaryň hökümdarlygyny täzeden ykrar edýär. Netijede, Sanjar 20 ýylyň dowamynda, öz agasy Muhammet hijriniň 511-nji (miladynyň 1117-nji) ýylynda dünýäden gaýdýança, Horasanyň hökümdary bolmagynda galýar. Diňe ol agasynyň ölüminden soň, ol Seljuk şalygynyň beýik Soltany diýen derejä ýetýär. Soltan Sanjaryň soltanlygy 40 ýyl töweregi dowam edýär. Ol zamanlar Merw gudraty gülläp ösen, haýbaty zemini sarsdyrýan, Jeýhun derýasyndan tä Bagdada-Yraga çenli aralykda bolan uly döwletiň syýasy we medeni merkezine öwrülýär.
Soltan Sanjar öz ata-babalarynyň esaslandyran şäheriniň merkezinde özüne mawzoleý bina etdirýär. (Onuň ol mawzoleýi, atasy Alp Arslanyň guburyny hem öz içine alan bolmagy ahmal). Bu mawzoleýiň binasy hatda hijriniň VII (miladynyň XIII) asyryna çenli, yslam dünýäsinde iň beýik bina diýip

hasaplanypdyr. Şonuň ýaly-da, Soltan Sanjar Merw şäheriniň demirgazyk-günbatar çetinde, hezreti ymamzade Muhammet bin Muhammet Zeýid bin ymam Sežad (aleýhissalam) üçin diýseň zynatly mawzoleý bina etdirýär. Häzirki wagtda hem ol mawzoleý Soltan Sanjaryň öz mawzoleýi ýaly gadymy Merwiň çäginde sarsman otyr. Gadymy Merw şäherinde köpsanly zyýaratçylaryň gelip-gidýän, halk tarapyndan bimöçber sarpa goýulýan zyýarat hem geçmişiň beýik aryf-danasy hezreti Hoja Abu Ýakup Ýusup Hemedanynyň mawzoleýidir. Ol hijriniň V-VI (miladynyň XII) asyrlarynda Merwde ýaşap geçen hem-de hijriniň 535-nji (miladynyň 1140-njy) ýylynda aradan çykan. Hoja Ýusup Hemedany Horasanyň aryf-danasy Abu Aly Farmedi tarapyndan bir zaman Mawerannahra hem iberilen beýik pirleriň biridir.

Soltan Sanjaryň döwletiniň öz zamanasynda hemmetaraplaýyn ägirt we şanly bolmagyna garamazdan, ol döwlet soltanyň ömrüniň ahyrky ýyllary ösüşe däl-de, yza tesişe duçar bolýar. Hijriniň 533-nji (miladynyň 1138-nji) ýylynda onuň Horezm (Köneürgenç) welaýatyna bellän häkimi Atsyz soltana boýun egmän, onuň garşysyna aýaga galýar. Hijriniň 536-njy (miladynyň 1141-nji) ýylynda türki kowumlardan garahytaýy diýen kowum Mawerannahra çozuş edýär.

Soltan Sanjar ol kowum bilen Samarkandyň golaýynda gabatlaşýar hem-de agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Iň soňunda bolsa, hijriniň 548-nji (miladynyň 1153-nji) ýylynda seljuklaryň taýpadaşlary oguzlardan doly ýeňilýär hem-de iki ýyllap olaryň elinde ýesir bolýar.

Ondan soň, oguzlaryň elinden sypyp gaçýar hem-de çalajan halda Merwe gelýär hem-de hijriniň 552-nji (miladynyň 1157-nji) ýylynda aradan çykýar. Oguz taýpalary Soltan Sanjaryň tabynlygyndaky ýerlerde hökümdarlyk sürüp başlaýarlar. Merw ondan soň tä hijriniň altynjy (miladynyň XII) asyrynyň ahyryna çenli Horezm (Köneürgenç) hökümdary Tekeşiň eýeçiliginde bolýar, ýöne ol döwürler Merw topragy bagtyýar bolmaýar. Ýöne muňa garamazdan, Merw ýene-de bir gezek yslam dünýäsiniň gündogar ülkeleriniň arasynda möhüm merkezine öwrülýär. Hijriniň VI (miladynyň XII) asyrynda Merw topragyndaky şäherler, oba-kentler, abadançylyklar barada iki sany galamgär

dürli we takyk maglumatlary ýazypdyr.
Olar: hijriniň 562-nji ýylynda dünýäden gaýdan Sem’ani Merwezi hem-de hijriniň 626-njy ýylynda aradan çykan Ýakut Hemewidir. Bu awtorlar Merwiň töweregindäki meşhur şäherlerden başga-da, ýenede Merwiň töwereginde bar bolan 200 töweregi abat ýaşaýyş mekanlary barada ýazypdyrlar. Şonuň ýaly-da Merw şäheriniň içinde hem-de alkymynda ýerleşýän etrapçalaryň (obalaryň) birnäçesiniň atlaryny şeýle habar beripdirler: Endürst obasy (köýi), Gipsçileriň (gäçgyranlaryň) hem-de tamdyr ýasaýanlaryň kwartaly- mesgeni (Jessen), Uly Babanlaryň kwartaly, Beçwaryň kwartaly (şäheriň eteginde), Beni Mahan kwartalynyň golaýyndaky Bererjan kwartaly, Tüýek kwartaly (ol ýerde Merwdäki ilkinji musulmanlaryň gonamçylygy ýerleşýär), Joýa (gök satýanlaryň kwartaly), Hobbin köýi (obasy), Rezam howzy, Dež säng (Senjan derwezesiniň alkymynda), Diwan köýi (obasy), Zerjin kwartaly, Rezik, Sasian, Selme, Sabyr, Köwsej, Mahyabad ýaly kwartallary bar ekeni.
Rawendi Merwde Soltan Sanjaryň mawzoleýiniň ýerleşýän mesgenini Döwlethana kwartaly diýip atlandyrypdyrlar. Çünki, awtor bu ady ol ýerde hökümetiň esaslandyrylandygy bilen düşündiripdir. Rus gündogarşynasy Bartoldyň aýtmagyna görä bolsa, Soltan Sanjar özi üçin mawzoleýi juma metjidiniň alkymynda bina etdiripdir. Şonuň ýaly-da, Soltan Sanjar Merw şäherinden iki farsaň günortada, gadymy Enderep obasynyň ýanynda köşk binalary gurdurýar.
Guzlaryň elinden sypyp, soltan şol köşkler toplumyna özüni atýar. Şeýle hem şäheriň ýokary hem-de aşak taraplarynda atlary Bererjan hem-de Taheran bolan iki oba ýerleşipdir. Ýakutyň berýän maglumatyna görä, mongollaryň çozuşlarynyň öň ýanynda Merwde iki sany uly juma metjidi bolup, olar yslam dininiň sünni mezhebiniň hanafi hem-de şaf’i şahalaryna degişli ekeni. Ol iki metjidiň örän uly kitaphanalary bolup, olar Eziziýe (on iki müň jiltlik golýazma kitaplary bolan) hem-de Kemaliýe metjitleridir. Olardan başga hem Merwde ýene-de şeýle kitaphanalar: Şeref Mülk medresesindäki Şeref Mülküň kitaphanasy, wezir Hoja Nyzam ul-Mülküň kitaphanasy örän meşhur kitaphanalar bolupdyrlar. Samany şalygy zamanasyna

degişli kitaphana hem Merwde bar ekeni. Beýleki kitaphanalaryň atlary şeýle: Zemiriýe Mejäd ul-Mülk, Omidiýe hem-de Hatuniýe medreselerinde kitaphanalar bolupdyr. ýyllap Merwde ýaşaýyş bes edilip, ol weýran bolup galypdyr.
Jüweýniniň habar bermegine görä, soňra diňe hijriniň 643-nji (miladynyň 1245-nji) ýylynda Ergun han (Horasandaky mongol hökümdary) Merw şäheriniň üstünden geçende Ärzeňabat (Soltan Sanjaryň köşkleriniň ýerleşen ýeri) diýen kwartalynda köşk bina etdirýär. Onuň ýanynda bolan başga mongol hanlarydyr emirleri hem, ondan täsir alyp, şol ýerde dürli binalary gurdurýarlar. Emma bu gurlan binalary hem mongollar Merwe gelip düşlänlerinde ýa-da Merwiň üstünden geçip gitmekçi bolanlarynda özleri üçin dynç almaga, ýatmaga-turmaga mesgen bolsun diýen niýet bilen bina etdiripdirler. Mongollar Merwrud derýasynyň günorta akymynda ýerleşen bendi ýykyp, derýany öz tebigy hanasyndan çykaryp, Merw şäheriniň Mahan diýen etrapçasyna tarap gönükdiripdirler. Şonuň üçin hem, tä imperator Teýmir(leñ)iň zamanasyna çenli Merw şäheriniň hem-de bu şäher bilen ýanaşyp oturan şäherleriň içinde diňe Mahanyň ady Murgap jülgesindäki möhüm ýaşaýyş mekany diýip ýatlanýar. Merw şäheriniň synyp, weýran bolmagy Sarahs-Merw-Jeýhun şaýolunyň Mongollaryň hemde ilhanylaryň agalyk süren döwründe öz ähmiýetini ýitirmegine getiripdir. Ol şaýoly soňra ýene-de köne ugry boýunça: Sarahs-Merwrud-Balh we Jeýhun-Mawerannahr ýa-da Hyrat-Merwrud-Balh ugry boýunça rowaçlanyp başlaýar. Şonuň üçin hem Hamydulla Mostofy hijriniň VIII (miladynyň on XIV) asyrynda Sarahs bilen Merwerudyň ondan hem Balh çenli aralykda bolan menzil-düşelgeler, şonuň ýaly-da Merwden Merwruda hem-de Merwden Horezme (Köneürgenje) çenli şaýoluň ýagdaýy barada beýan Merwe mongollaryň hüjümi hijriniň 618-nji (miladynyň 1221-nji) ýylynyň başynda bolup geçýär hem-de ol hüjüme Çingiz hanyň ogly Toly han ýolbaşçylyk edipdir. Toly hanyň leşgeri ilki bilen gelip, Merwiň Firuzi derwezesinde saklanýar hem-de alty günüň
dowamynda şäheriň hendeklerini hem-de minarasyny içgin öwrenýär. Ondan soň, Şarstan derwezesine gidip, ol ýerden şäheri eýelemäge girişýär. Şäher boýun egeninden soň, ol

şäheriň ilatyna şäherden çykmagy emr edýär. Merw şäheriniň ilatynyň şäherden çykmak çäresi yzy üzülmän dört gije-gündiz dowam edýär…

Soňra Toly han şäheriň daşky galasynyň diwaryny ýer bilen ýegsan etmegi höküm edýär. Soňra bolsa şäherdäki hanafy juma metjidini otlamaga perman berýär. Şäherdäki şaf’i juma metjidini bolsa, entäk Tekeşiň zamanasynda ýerli ilatyň özi otlapdy. Şäherden çykman gizlenip galan adamlary hem bukylardan alyp, şäheriň daşyna çykaryp öldürmek üçin bir serkerdäniň ýolbaşçylygynda ýörite topar döredilipdir.

Jüweýniniň ýazmagyna görä, Mongollaryň hüjümine çenli Merw şäheriniň ilatynyň sany 1500000 adam töweregi bolupdyr. Emma rus gündogarşynasy Bartold Merwiň Sasani şalygy zamanasyndaky ýaşaýyş toplumy (Gäwür gala) bolan mesgeniň 400 gektar meýdany tutýandygyny göz öňünde tutup, Merwde Seljuk şalygy zamanasynda gurlan Soltangalanyň hem tutuş meýdanyny onuň üstüne goşup, ol ýerde 1300000 adamdan ybarat ilatyň ýerleşmgi hem-de ýaşap bilmegi mümkin däl diýip hasaplapdyr. Onuň pikiriçe, Ibn Esiriň nygtaýşy ýaly ol şäherde hatda 700.000 adamyň hem hakykata golaý gelmeýär. Listrenj hem bir million ilat baradaky maglumaty inkäredýär. Şeýlelikde, ol ýerde bir million ilat diýip ykrar edilmegi elbetde dogry däl-de, ol maglumat has çişirilen. Eger diňe Merw şäheriniň tutýan 400 gektar meýdany göz öňünde tutulman, şäheriň daş-töweregindäki, birnäçe farsaňlykda ýerleşýän şäherler, şäherçelerdir oba-kentler hem goşulyp, ol hasap umumylaşdyrylsa, belki-de, taryhçy Jüweýniniň aýdanlaryny ykrar etse-de bolar. Ýöne bir hakykaty aýtmak gerek ki, her näm bolan hem bolsa, Mongollaryň hüjüminden soň, 194 edip, taşlanan şaýol bolan Sarahs-Merw şaýolunyň ýagdaýy barada söz açmaýar. Onsoňam, ol Merw şäheriniň weýrançylyklary, ilatdan boşap galandygy barada ýatlap geçse-de, esasan Merw sebitiniň tebigy ýagdaýy, geografiýasy, ekerançylygy barada içgin durup geçýär. Mysal üçin, onuň ýazmagyna görä, Merwde her kim 1 man (1 man Eýrandaky gadymy agramlyk ölçegi bolup, ol ölçeg onuň her welaýatynda dürli-dürli. Mysal üçin, Töwriz many – 3 kilograma, Şah many – 6 kilograma, Reý many – 12 kilograma deň

– bellik terjimeçininňki) galla ekýän bolsa, şol ýyl
100 man bugdaý hasylyny alýar. Soňky ýyly 30 man, ondan soňky ýyl 10 man bugdaý hasylyny alýar. Mundan başga-da, aýtmak gerekdir ki, Merwiň howasy ýaramaz, alynýan hasylda dürli kesel örän köp bolýar. Ýöne miwelerden armyt, üzüm hem-de gawun örän datly we gowy. Olary guradyp, kakadyp, dürli welaýatlarda, ülkelere äkidipdirler. Bu maglumatlar has ozalky döwürlere degişli. Häzirki wagtda Merw şäheriniň haraba öwrülendigini aýtmak gerek diýip “Hozhät ul-kolub” eseriniň awtory habar berýär.
Kazwininiň hijriniň VII asyrynyň ikinji ýarymynda (miladynyň XVI) ýazan “Aser-ul-balad” atly eserinde Merw şäheri entek hem gözel, owadan hem-de abadançylygy bolan şäher diýip wasp edilýär. Emma, onuň bu getirýän maglumatlary, mongollaryň ol şäheri talamaklaryndan ozalky zamana degişli çeşmelerden alynan. (Mümkin, Ýakutyň ýazgylaryndan alynandyr).
Kazwini şeýle hem Büreýde baba (Büreýde bin Hasib) hem-de onuň Merwiň Alemdar derwezesiniň alkymynda ýerleşýän mawzoleýi barada ýatlapdyr. Ol Bureýde babanyň Merwi boýun egdirmäge gatnaşan araplaryň içinde bolandygy hem-de tä dünýäden ötýänçä, Merwde ýaşandygy barada habar berýär. Şonuň ýaly hem Kazwini Merwde ýaýran erbet bir kesel hem-de Merwdäki täsin ýerler barada beýan
edýär. Iň soňunda, imperator agsak Temiriň dünýäden gaýdanyndan bäş ýyl geçensoň, onuň ornuna geçen ogly Şahruh hijriniň 812-nji (miladynyň 1409-njy) ýylynda Merw şäherini täzeden dikeltmek barada netijä gelýär. Ilkinji nobatda ol, Merwiň günortasynda Murgap derýasynda bolan gadymy bendi dikeldip, ýapýar hem-de derýanyň suwuny öňki hanasy boýunça ugrukdyrýar. Ýöne Şahruhyň Merwde bitiren işleri barada ýatlan Hafez Ebru iki ýüz ýylyň dowamynda Merwiň üstünden ne ýolagçy geçdi ne-de ol ýerde ýolagçy saýalar ýaly saýaly bag boldy diýip nygtaýar hem-de Merwiň geçmişi barada hatyralap, onuň geografiýa taýdan ýagdaýy hakynda habar berýär. Şondan soň awtor, Merw (Murgap) derýasynyň täz hanasy, onuň bendinden Merw şäheriniň derwezesine çenli uzynlyk aralygy, menzilleri barada aýdýar hemde ol ýoluň 12 farsaňdan ybaratdygyny

nygtaýar. Hafez Ebru ol ýoluň ugrunda ýerleşen ýaşaýyş mekanlarynyň Merw jülgesindäki iň abat ýerlerdigini habar berip, olaryň içinde-de Gireň obasynyň iň abat we abadan mesgendigini aýdýar. Ol şeýle-de öz ýazgylarynda Sagyrçy köşgi hem-de ol wagtlaram gadymy binalaryň käbiriniň saklanyp galanlary barada düşündiriş beripdir. Şonuň ýaly-da ol, ilkinji gezek Merwiň Alemdar (baýdak göteriji) derwezesi barada ýatlaýar, ýöne ol şäheriň Sermajan derwezesi barada has köp beýan edýär. Ol bu derwezeler barada maglumatlary hezreti Muhammet (s.a.w.) pygamberiň alemdarlary (baýdak göterijileri) bolan hem-de soňra Merwe gelip ýaşan we ol toprakda jaýlanan sahabalar Büreýde baba bilen Hekem barada beýan etmek üçin ýatlapdyr. Şonuň ýaly-da, Kazwini Horasan ülkesinde ýerleşýän beýleki şäherler, onlarça oba-kentler, abadan mekanlar barada düşündiriş berýär. Ol zamanlarda göni Merwe degişli obalardan: Mahan hem-de Baban ýaly obalary ýatlap, geçen iki ýüz ýylyň içinde Merwiň Mahan obasy örän abadan saklanyp galandygyny habar berýär we ol obada ekerançylyga ýaramly topragyň kändigi, ol ýerde gawundyr gallanyň gowy hasyl berýändigini nygtaýar.

Hafez Ebru, agsak Temiriň nesli Şahruhyň täzeden esaslandyrýan Merw şäheri barada düşündirişi örän az berýär.

Häzirki wagt ol ýer Baýramaly şäheriniň eteginde, gadymy Merwiň çäginde ýerleşen, dörtgyraň giňişlik bolup, tutýan meýany 40 gektara barabar. Häzirki wagtda Abdylla han galasy diýip atlandyrylýan ol ýer, aslynda Şahruhyň täzeden dikeldilen Merw şäheri bolmaly. Ol gadymy şäheriň Abdylla han galasy diýip atlandyrylmagynyň sebäbi, hijriniň X asyrynyň ahyrynda (miladynyň XVI asyry) özbek hany Abdylla han uzak zaman Merwde hökümdar bolýar, onuň Merwde ýaşan ýeri bolsa Şahruhyň dikeldilen şäheriniň çäginde ýerleşipdir. Ýöne Abdylla hanyň Merw şäherini dikeltmek, abadanlaşdyrmak üçin alyp barýan haýyr işinden, onuň şäheri weýran etmekde eden hereketi has çökderdir. Şäheriň abadanlaşmagynda onuň hyzmaty ýokdur! Her hal, bu şäher 300 ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaş dikelýär. Ýöne gynansak hem, Merw şäheriniň içki abadançylyklary we

binalary babatda tä Nedir şanyň döwrüne çenli içgin, aýratynlykda ýatlanylmandyr. Häzirki wagta çenli şäheriň daşky diwary saklanyp galan hem bolsa, ol diwaryň iç tarapyndan hiç bir bina biziň günlerimize gelip ýetmändir. Hut şonuň üçin hem ol şäher onçakly düýpli, mäkäm, degişli derejede gurulmandyr diýen netijä gelmek bolýar. Imperator Teýmirleňiň asyryna degişli taryhçylaryň eserlerinde hem Merwde güýçli, dogumly emiriň ýa-da hökümdaryň bolandygy barada maglumat berilmeýär.
Alyşir Nowaýynyň hijriniň IX asyrynyň ahyrlarynda (miladynyň XV asyrlarynda) ýazan “Mäjäläs unnefais” atly eserinde beýan edilmegine görä, Merw şäherinde hezreti Hoja Ýusup babanyň – Hoja Ýusup Hemedanynyň guburynyň töwereginde Nurseýit beg Horezmi diýen şahyr hem jaýlanypdyr. Munuň özi şol wagtlar hem weýran bolan Merwiň her hal gelip-gidilýän ýer bolandygyna şaýatlyk edýär. Pygamberimiziň sahabalary Büreýde babanyň hem-de Hekemiň guburüsti daşlarynda bar bolan ýazgylara görä (olaryň mawzoleýleri Soltan galanyň günortasynda ýerleşýär) ol binalar Şahruhyň zamanasynda gurlupdyrlar. Şonuň ýaly-da, hijriniň IX asyrynyň ikinji ýarymynda (miladynyň XV asyry) Merw şäheriniň günortasynda ýerleşen Talhatandaky (gadymy Gireň obasynyň alkymynda) abadançylyklar barada ýatlanylýar. Ol bolsa şol zamanlar, Merw sebitinde täze abadan mekanlaryň döräp başlandygyna şaýatlyk edýär. Ondan başga-da, Merw derýasynyň günorta kenarynda ýerleşen abadançylyk bolan ýaşaýyş mekanlary: Berktaş, Baba Gammbar, Sarykbözu ýaly gala-kentleriň atlary ýatlanylypdyr. Imperator Temiriň şalygy sebitde synandan soň, sebit, şol sanda Merw özbek hany Şeýbany han (hijriniň 913-nji, miladynyň 1507-nji ýyllary) tarapyndan basylyp alynýar hem-de onuň Şah Ysmaýyl Sefewi bilen bolan söweşine çenli (hijriniň 916-njy, miladynyň 1510-njy ýyllary), Merw şäheriniň eteginde Tahyrabat, Mahmydy, Mahmydy ene ýaby (kanaly), Mahmydy köprüsi (Pol-e Mahmudi) ýaly obalaryň bolandygy barada ýatlanylýar.
Ýokarda ýatlanylýan söweşden soňra, Merw tä hijriniň 930-njy (miladynyň 1523-nji) ýylyna çenli Şa Ysmaýyl Sefewiniň golastynda bolýar. Ol şanyň ölmegi bilen onuň tagtyna geçen ogly Tahmasp hem tejribesiz ýaş oglan bolansoň, özbekler

Mawerannahry hem-de Merwi eýeläpdirler. Merw soňra segsen ýyllap, olaryň golastynda bolýar. Şonuň üçin hem Eýran çeşmelerinde Merwiň özbekleriň golastynda bolan 80 ýyly barada ýeterlik maglumat ýok. Rus gündogarşynasy Bartoldyň ýazmagyna görä, özbekler hem Merwe belli bir zerurlyk bolanda gelipdirler, şäheri talap, tozduryp, şäher ilatyny hem ýesir äkidipdirler. Bartold bu maglumatlary özbekleriň Merwe giren döwründen tä hijriniň 1007-nji (miladynyň 1594-nji) ýylda Merw Sefewi şasy şa Abbas birinji tarapyndan eýelenýänçä döwri özbek çeşmelerinden öwrenipdir.
Sefewi şasy, şa Apbasyň ýaşlygyndan peýdalanan özbek Abdulmömin han hijriniň 996-njy (miladynyň 1587-nji) ýylynda Hyrady, ondan bir ýyl soň bolsa mukaddes Maşady basyp alýar. Hijriniň 1006-njy (miladynyň 1597-nji) ýyly geçenden soň, şa Abbas Sefewi özbekleri Hyratdan hem-de mukaddes Maşatdan çykarýar. Ondan soň, hijriniň 1008-nji (miladynyň 1599-njy) ýylynda ol Merwi hem-de onuň bilen ýanaşyk şäherleri hem eýeleýär. Bektaş han ondan soňra bolsa Mährap han Gajar ýaly adamlar şa Abbas tarapyndan Merwiň häkimi wezipesine bellenilýärler. Sefewi şalygynyň soňky zamanlaryna çenli Merw Eýran döwleti bilen özbek hanlygynyň serhetlerinde ýerleşýän ümmülmez sähralygyň merkezinde ýerleşýän harby kent (gala) hem-de şol bir zamanda Merw-şahjan ady bilen Sefewi şalygyna degişli 13 sany şa begler begilniň biriniň soraýan sebiti bolupdyr. Şäheriň häkiminiň hem-de onuň bir etrabynyň ady Gul begi bolup, ol sebitden her ýyl 16 müň 148 tümen we 9 müň 853 töwriz dinaryny girdeji ýygnalypdyr. Şäheriň ilaty bolsa 3 müň 44 adamdan ybarat bolupdyr.
Nedir şanyň hökümdarlyk süren zamanalary onuň taryh ýazarlarynyň biri şalygyň weziri Muhammet Kazym hem ýerligi boýunça Merwden ekeni. Muhammet Kazym pars dilinde ýazylan “A’lem araý-e Sefewi” atly ajaýyp eseriň hem awtorydyr. Ol öz ýazgylarynda Nedir şanyň şalyk süren zamanasynda Merwiň ýagdaýy barada möhüm we köp maglumatlary getiripdir. Onuň ýazmagyna görä, Sefewi hökümdary şa Abbas, özbekleri Horasan ülkesinden kowup çykaranyndan soňra, Azerbaýjany hem eýeleýär hemde gajar taýpasynyň kowumlarynyň ep-esli bölegini Töwrizden

Merwe göçürýär. Ol taýpanyň wekilleri bolsa, Sefewi şalarynyň şalyklarynyň soňunda, Merw şäherini dolandyrmagy öz ellerine geçirýärler. Ýöne Nedir şanyň Eýranda şalyk sürüp başlan ýyllary Merw üçin yzly-yzyna birnäçe täze häkimler bellenilýär. Şol zamanlar tatarlaryň 700 maşgalasy Merwde ýaşap, olar gyzylbaşlara garşy bolýarlar hemde Merw şäherinden çykyp, Türkmengala gidýärler. Haçanda Merw şäherine suw bolelin gelip başlansoň, olar Merwe dolanyp barýarlar. Şonuň üçin hem hijriniň 1136-njy (miladynyň 1723-nji) ýylynda Merw şäherinde pitne başlaýar. Gyzylbaşlar bu ýagdaý sebäpli Abiwertde hökümdarlyk sürýän Nedirden ýardam isleýärler. Nedir (geljekki Nedir şa – bellik terjimeçininňki) gyzylbaşlara kömek bermek üçin Merwe tarap hereket edýär. Ol leşger sürüp ilki Janaly bendine (ol wagtky täze Merwiň Bahşab diýen ýerinde ýerleşen) barýar, soňra bolsa Merw galasyna ugraýar.
Soňra Merwden Hasan gala hem-de Türkmengala ugraýar hem-de (ol ýerden) tatarlary kowup çakardy. Emma ondan soň, olary yza çagyryp, olaryň Abiwerdiň Zagçend galasyna göçmeklerini höküm edýär. Şonuň ýaly-da taryhçy Muhammet Kazem Merw şäheriniň daş-töwereginde täze dörän mekan-mesgenler barada, şeýle hem haçanda Nedir (Merwden gidip) Maşada baryp Sefewi şasy Tahmasp ikinjä baryp birleşen zamanynda Merwde taýpalar bilen gyzylbaşlaryň arasynda täzeden emele gelen çaknyşyklar (bu waka hijriniň 1139-njy, miladynyň 1826-njy ýylynda bolup geçen) barada beýan edýär. Ondan başga-da awtor Merwiň Duşenbe derwezesi, Seýit Abbasabat galasy, Buzýaryk ekin meýdany, Janaly kanalynyň bendi hem-de Balhian (Talhatan)
kanaly barada ýatlaýar. Nedir her nähili bolsa-da, tatarlary gysyp saklamak hem-de (Merw şäherine suw akdyrýan) bendi ýumrup, gyzylbaşlary mukaddes Maşada göçürmegi talap edýär. Nediriň dogany hijriniň 1140-njy (miladynyň 1727-nji) ýylynda şeýle hem edýär we ondan ýedi ýyl soň, Nedir Merw derýasynyň bendini täzeden beklemek barada çärä girişýär. Ol wagta çenli Merw eýýäm weýran bolan şäherdi. Ondan soň hem ýaşaýyşdan boşap galan, hökümetsiz, häkimsiz ýerdi. Iň soňunda Nedir Hindistana leşger sürmek islän wagty, has takygy hijriniň 1150-nji (miladynyň 1737-nji) ýylynda merwli gazylary

söweşijileri hem-de ol şäheriň hemme ilatyny şol wagt her mekanda ýaşaýan hem bolsalar-da, olaryň Merwe dolanyp gelmeklerini talap edip perman berýär. Sebäbi ol Hindistandan dolanyp geleninden soň, Buhara we Horezme leşger sürmegi niýet edinipdir. Onuň üçin hem Merw şäheriniň abadan we abat bolmagy zerurlygy ýüze
çykypdyr. Muhammet Kazeminiň özi hem özge ýurtda bosgun bolup ýören şol merwli adamlardan bolansoň, öz ata Watanyna – weýran bolup ýatan Merw şäherine dolanyp gelýär. Ol soňra ol wagtky Merw barada şeýle beýan edýär: “Merwdäki hemme ýerler döwlet haýryna geçirilip ol ýerde şahsy hojalyklara ekerançylyk ýa-da başga pişe bilen meşgullanmak gadagan edilýär. Ol ekerançylara döwlet ýerlerinde işläp, hökümetiň diwanynyň hazynasyndan zähmet hakyny tölemeli edilýär. Horasanyň dürli sebitinden maşgalaly raýatlaryň 3.000-i Merwde işlemek üçin ol ýere rowana bolýarlar. Ol wagta çenli on ýyl ozal, Merwiň halky köpçülikleýin ýagdaýda mukaddes Maşada göçüpdiler. Netijede, ol welaýatyň ekerançylyga ýaramly ýerleri zaýalanyp, ekin dolanyşygyndan çykyp, Merw derýasynyň bendi hem ýene-de harap bolupdy. Hut şol sebäpden hem, ony täzeden gurmak barada buýruk berilýär.
Hijriniň 1155-nji (miladynyň 1742-nji) ýylynda Nedir şa dagystanlylaryň hem-de lezginleriň üstüne goşun çekmek bilen meşgul wagty, oňa mukaddes Maşadyň Kärizabat diýen ýeriniň, Çärjewiň hem-de Merwiň gyş gawunlaryny gowşurýarlar. Ol gawunlary Nedir şanyň huzuryna Merwden alyp baran Aly Nagi beg Merwä Nedir şa özi bilen Merw şäherine 4.000 maşgala lezgini äkitmegi hem-de ol lezgileri Merwiň gündogarynda, şäheriň meşhur Juma derwezesiniň Türküstan (ýoly) tarapynda, galanyň daşynda ýaşamaga ýer bermegi höküm edýär. Şol wagt 300 adamyň olary ugratmagynda, ol ýere göçüp baran bir müň iki ýüz hojalyk şalygyň eýeçiligindäki ekerançylyk bilen meşgullanmaga girişýärler. Galanlary bolsa, dürli kärlerde, öz oňarýan (gadymy) hünärleri bilen işläp başlaýarlar.
Hijriniň 1156-njy (miladynyň 1743-nji) ýylynda Nedir şa, Tagi han Şirazininiň hökümdarlygyna syndyrýar hem gaçgaýylardan (olar bir sebäbe görä, göçüp ýada gaçyp giden gadymy oguz

taýpasy gaýy (kaýy) taýpasynyň wekilleri. Ol taýpanyň gaçgaýy adyny “gaçyp baran gaýylar” ýa-da “göç bilen baran gaýylar” diýip düşündirip bolar – bellik terjimeçininňki) üç müň maşgalany Şirazdan Merwe göçürýär. Merwe has takygy, Talhatana göçüp gelen gaçgaýylar hem, ol ýerde mekan tutunýarlar. Nedir şa öz eýeçiligindäki Azerbaýjanyň hem-de Alpşüküriň ilatynyň uly toparyny Talhatana göç bilen ugradýar. Ondan soň, olaryň Merwiň sebite göç edip gelen ýeri Mirabat ady bilen meşhur bolýar. Şonuň ýaly-da, ol ýer Kiçi Merw (Merwe küräk) diýip atlandyrylyp başlanýar (belki-de ol ýer Merwiň golaýyndaky Murgapdyr?!). “A’läm araýi Naderi” atly eserde Merw-şahijanyň, Merw sebitiniň, Merw jülgesiniň, Merw Sanjar mekanyň, Uly Merwiň atlary getirilip, ol ýerleriň şol döwürlere degişli şekilleri ýerleşdirilipdir.
Nedir şa öleninden soň, Merwde bolup geçen wakalar doly anyk däl. Diňe hijriniň 1200-nji (miladynyň 1785-nji) ýylyna çenli, ol ýerde Baýramaly Gajaryň hökümdarlyk sürendigi belli. Şol ýyl hem Bekjan Şamyrat (buharaly özbeklerden) Merwe hüjüm edýär hem-de Baýramaly han öldürilýär.
“Merw galasy” ady bilen gurlan iň soňky gala häzirki Baýramaly şäheriniň eteginde bolupdyr. Ol galadan bölekler häzirki güne çenli hem saklanyp galypdyr, ady hem Baýramaly hanyň galasy ady bilen bilinýär. Baýramaly han gynalyp öldürilenden soň hem, onuň maşgalasy hem-de beýleki gyzylbaş hojalyklary Merwde Şamyrat handan soň, onuň ogullarynyň biri Nasrreddin Töre Merwde hökümdar bolýança ýaşamaklaryny dowam etdirýärler. Şol döwürlerden başlap, tä ruslaryň Merwe hüjüm eden zamanlaryna çenli, Eýran çeşmelerinde ýeterlik maglumat ýok.
Merwi (Maryny) hijriniň 1303-nji (miladynyň 1884-nji) ýylynda rus patyşalygy eýeleýär hem-de Merw şäheri täzeden esaslandyrylýar, şäher ösüşe başlaýar. Muňa garamazdan, geçmişden galan Merw şäheriniň harabalyklary taryhy mekan hökmünde saklanyp galdy. Gadymy Merw şäheriniň harabaçylyklary Abdyllahan galasyndan bir kilometr demirgazykda hem-de Baýramaly şäherinden iki kilometr demirgazykda, Baýramaly-Merw gara ýolundan takmynan dört kilometr uzaklykda ýerleşýär. Şähere günbatar tarapdan baryp bolýar. Barylýan ýeriň sag

tarapynda palçykdan bina edilen iki sany gadymy gala bolup, olar Uly Gyzgala hem-de Kiçi Gyzgala galalarydyr. olar, Sasanileriň şalyk süren zamanalaryndan galan binalar bolmagy mümkin?! Soltan gala diýip atlandyrylýan gala Seljuk soltanlarynyň döwrüne degişli, tutýan meýdany 400 gektar hem-de gadymy Merwiň çäginde ýerleşýär. Soltan Sanjaryň mawzoleýi hem Soltangalanyň çäginde. Ol mawzoleý şäheriň dört künjeginden hem görünýär.
Soltan galanyň Erk galasy mawzoleýiň demirgazyk gündogarynda ýerleşýär. Ol “Şähriýar erk” ady bilen hem meşhurdyr. Soltan galanyň daşynda demirgazyk tarapynda 200 gektarlyk meýdan bolup ol ýeri Isgenderiň galasy diýen at bilen tanalýar. Edil şonuň ýaly boş meýdan şäheriň gündogarsynda hem ýerleşýär. Ol Kiçi Soltan gala ady bilen meşhurdyr. Büreýde baba bilen Hekemiň mawzoleýleri hem şol soňky giňişlikde ýerleşýär. Ol mawzoleýleriň gapdalynda gonamçylyk bar. Soltan galanyň gündogar tarapynda, oňa ýanaşyk ýerde Sasani şalarynyň zamanasynda Merw şäheri ýerleşip, oňa Gäwürgala, Gorkala hem-de Antioh Selekwiniň galasy hem diýilýär. Gäwür galanyň Erki onuň demirgazygynda ýerleşýär. Erkiň demirgazygynda palçykdan gurlan gadymy binalaryň bölekleri saklanyp galypdyr. Olar hezreti ymam Ryzanyň (aleýhissalamyň) gadamgähi ýa-da Mamunyň köşgi diýen atlar bilen meşhur. Soltan galanyň demirgazygynda Hoja Ýusup Hemedanynyň täzeden dikeldilen mawzoleýi, täze uly metjit ýerleşýär. Bu binalaryň demirgazyk günbatarynda, has takygy, Merwiň demirgazyk-günbatar burçunda hezreti Muhammet bin Muhammet bin Zeid bin ymam Sejadiniň (aleýhissalamyň) gubury ýerleşýär. Ol mawzoleý Soltan Sanjaryň görkezmesi boýunça bina edilen.
Gadymy Merw häzirki Mary şäherinden 30 kilometr, Tejenden 170, Duşakdan 217, Kakadan (Abiwerd) 257, Aşgabatdan (Nusaýdan) 370 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Baýramalydan Çärjewe (Jeýhunyň kenarynda ýerleşýän şäher) 224 kilometr aralyk bar. Marydan Sarahsa çenli bolsa 165 kilometrdir.

Doktor Mehdi SEÝID.
(Eýran).

# Eýran Yslam Respublikasynyñ «Haweran» žurnaly, 2014 ý.
Taryhy makalalar